# MAGTYMGULY – YLHAM ÇEŞMESI

MAGTYMGULY – YLHAM ÇEŞMESI

TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY
MAGTYMGULY ADYNDAKY DIL, EDEBIÝAT WE MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

# MAGTYMGULY – YLHAM ÇEŞMESI

*Makalalar ýygyndysy*

*Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry*
*Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna*

Aşgabat
"Ylym" neşirýaty
2023

Özüniň dowamaty bolan perzendiniň ilhalar, ylymly-bilimli, edep-ekramly, hormat-sylagdan peýdalanýan adamlar bolup ýetişmegini arzuw etmeýän ene-ata ýokdur. “Men dünýäde iň bagtly adam” diýer derejede çagany terbiýelemek hem şol gadymy tejribeden gözbaş alyp gaýdýan milli edep mekdebimizi, şahyrlarymyzyň nusgalyk şygyrlaryny okap, onuň manysyny çagasyna çintgäp öwretmek ene-atanyň borjydyr.

Hormatly Prezidentimiziň ene-atalarymyzyň, öwüt-nesihatlaryny berjaý etmek, okan eserlerimizdäki ýagşy adamlara meňzemek, ýagşyny söýüp, ýamandan daş durmak bilen özüňden soň beýik Ynsan diýen ady galdyryp bilmek hem sözbaşa geçiren Beýik akyldar şahyryň “Magtymguly owwal özüň düzetgil” diýýän şygarynyň çuňňur pelsepewi manysyndan juda giňdir.

**EDEBIÝAT**


1. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Döwlet maslahatynda sözlän sözi. “Türkmenistan” gazeti, 2022-nji ýylyň 23-nji sentýabry.
2. Magtymguly. Şygyrlar. –Aşgabat:Türkmenistan, 1 tom, 1992.
3. Türkmen nakyllary we atalar sözi. –Aşgabat. 1983.



***Bahar HOJAGULYÝEWA,***
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy,*
*taryh ylymlarynyň kandidaty*


## MAGTYMGULY EÝÝAMYNDA BILIMIŇ ÖSÜŞI

Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragy türkmen halkynyň ruhy-medeni durmuşynda aýratyn orun tutýar. Halkymyzyň görnükli şahsyýeti bolan Magtymguly dürli mowzuklar boýunça köp sanly şygyrlary döredipdir. Onuň döreden eserleri düýpli edebi we filosofik mana eýe bolup, uzak wagtyň dowamynda alymlaryň ünsüni özüne çekýär. Şahyr türkmen edebi diliniň esasyny goýujylaryň biridir. Magtymgulynyň şygryýeti özüniň halkylygy, ýokary çeperçiligi bilen türkmen edebiýatynyň görnükli wekilleri üçin nusgalyga öwrüldi. Pyragynyň goşgulary, diňe bir türkmen edebiýatynyň we medeniýetiniň däl-de, eýsem dünýä edebiýatynyň we medeniýetiniň hem ösmegine uly goşantdyr. 2024-nji ýylda beýik akyldaryň 300 ýyllygy mynasybetli dünýäniň ençeme ýurdunda dabaraly çäreleriň meýilleşdirilmegi muňa aýdyň mysaldyr.

Magtymgulynyň şygyrlary Gündogar halklarynyň medeni mirasynyň iň kämil nusgalaryny içine alýar. XVIII asyr türkmen halky üçin muşakgatly döwürleriň biri boldy. Şol döwürde türkmen edebiýatynda we medeniýetinde düýpli özgerlişik bolup, şygryýetde öňki döwürlerdäkä meňzemeýän täze ugur peýda boldy. Esasan

hem, bu döwrüň goşgularynda watançylyk, dost-doganlyk duýgusy has ösdi we güýçlendi. Döwletmämmet Azadynyň ogly Magtymguly Pyragy şeýle häsiýetdäki goşgularyň esasyny goýujy hasaplanýar [2. 67 s.], çüňki beýik akyldaryň goşgulary öz halkynyň isleg-arzuwlaryny beýan edýär.

Magtymgulynyň edebi mirasy köp ýyllaryň dowamynda dünýä alymlary tarapyndan öwrenilýär. XVIII asyrda ýaşan Magtymguly Pyragynyň döredijiligi we döwri uly ylmy gyzyklanma döredýär. Bu babatda Magtymguly eýýamynda bilimiň ösüşiniň taryhy üns bermeklige mynasypdyr. Şol döwürde türkmen topragynda bilimiň, esasan, dini häsiýete eýe bolandygyny aýratyn bellemek gerek. Türkmenleriň arasynda hereket eden bilim ojaklary hökmünde musulman mekdeplerini we medreselerini görkezmek bolar.

Musulman mekdepleri bolsa bilimiň başlangyç merkezleri hökmünde hyzmat edipdirler. Mekdeplerde okuw möhleti ikiden bäş ýyla çenli dowam edip, onda, esasan, 6-9 ýaşly çagalar okapdyrlar. Okuwçylaryň aglaba bölegi oglanlardan ybarat bolupdyr. Sapaklar her gün 4-5 sagada çekipdir. Okuw ýylynyň dowamynda mugallymlar tarapyndan birnäçe dynç alyş döwürleri kesgitlenipdir. Tomus aýlarynda möwsümleýin hojalyk işleriniň geçirilýändigi sebäpli, mekdeplerde okuw ýatyrylypdyr [ 9. 9-10 s.].

Türkmenistanyň çäklerinde hereket eden mekdeplerde okatmagyň usulyýeti uzak wagtyň dowamynda kän üýtgedilmän ýöredilipdir. Musulman sowady, ýagny arap dili esasy okadylýan dersleriň biri bolupdyr. Mekdep mugallymlary - mollalar çagalara, ilki bilen, arap elipbiýiniň harplaryny öwredipdirler. Okuwyň bu döwri üstünlikli tamamlanandan soň, molla okuwçylara Gurhanyň sürelerini okadyp başlapdyr. Mekdeplerde çagalar “Haftek” (Gurhanyň 1/7 bölegi), “Rownakyl - Yslam”, “Sopy Allaýar”, şeýle hem Gündogar ýazarlarynyň birnäçe kitaplarynyň esasynda bilim alypdyrlar [7. 38 s.]. Ýat tutmak usuly musulman mekdeplerinde esasy okuw usuly hökmünde giňden ýaýrapdyr. Okuwçylar agzalan kitaplaryň giden bir böleklerini ýat tutupdyrlar [4. 60-61 s.]. Bu usul ýady ösdürmekde uly ähmiýete eýe bolup, onuň üsti bilen özleşdirilen maglumatlar çagalaryň ýadynda uzak wagtlap saklanypdyr.

XVIII – XIX asyrlarda türkmen topragynda bolup geçen çylşyrymly syýasy wakalara garamazdan, ene-atalary tarapyndan çagalaryň mekdeplerde bilim almaklaryna uly üns berilipdir. Dürli taryhy çeşmeler hem muny aýdyň tassyklaýar. Fransiýaly ýazar Genri de Gulibef de Blokwiliň “Türkmenleriňkide ýesirlikde” atly kitabyny muňa mysal edip, görkezmek bolar [1]. Seredilýän döwürde De Blokwil türkmenleriň arasynda 14 aýlap ýaşap, olaryň durmuşy, kärleri, däp-dessurlary barada köp sanly taryhy maglumatlary toplapdyr. Agzalan eserde türkmenleriň öz çagalaryny mekdeplerde okatmak hakynda uly alada edýändigi babatynda gyzykly maglumatlar getirilýär. Ylaýta-da, mekdep okuwçylaryň öý işleriniň ýerine ýeti-

rilişi meselesiniň ene-atalaryň hemişe üns merkezinde bolandygy barada aýratyn nygtalýar [1. 59 s.].

Musulman biliminiň ikinji derejesi medreseler bolupdyr. Bu bilim ojaklary ýokary ylahyýet edaralary hökmünde hyzmat edýärdiler. Türkmenistanyň çäklerinde ilkinji medreseleriň döredilmegi X-XI asyrlara degişli bolupdyr. Munuň özi türkmen topragynda yslam dininiň ýaýramagy netijesinde musulman medeniýetiniň ösdürilmegi bilen baglanyşyklydyr. Taryhdan mälim bolşy ýaly, Beýik Seljuk türkmen döwletiniň döwründe, hususanda, onuň iň soňky hökümdary bolan Soltan Sanjaryň dolandyran ýyllarynda ylmyň, medeniýetiň ösüşine aýratyn uly üns berilýärdi. Şol wagtda birnäçe iri medreseler gurlupdyr. Olar "Nyzamyýe medreseleri" ady bilen taryha giripdir. Medreseleriň atlandyrylyşy Seljuk döwletiniň baş weziri Nyzam al-Mülküň adyndan gelip çykýar. Ol ýokary derejeli sowatly adam bolansoň, döwleti ösdürmekde bilimiň we ylmyň möhüm ähmiýete eýe bolandygyna juda oňat düşünipdir. "Nyzamyýe" medreseleriniň iň meşhury 1067-nji ýylda açylan we ýokary bilim berýän Bagdat medresesi hasap edilýär. Mundan başga-da Reýde, Samarkantda, Amulda, Horezmde, Basrada, Hyratda, Mosulda jemi ýüze golaý "nyzamyýeler" açylypdyr [3].

Magtymguly eýýamynda ýurdumyzda ençeme medreseler hereket edipdir. Mälim bolşy ýaly, beýik şahyryň özi başlangyç bilimi alandan soň, 1753-nji ýylda Halaçdaky Idris baba, 1754-nji ýylda Buharadaky Gögeldaş, 1757-1760-njy ýyllarda Hywadaky Şirgazy medreselerinde okapdyr. Kakasy Döwletmämmet Azadydan alan bilimini Magtymguly medreselerde okan döwründe artdyrmagy we kämilleşdirilmegi dowam edipdir. Şol ýyllarda toplanan bilimleriň we durmuş tejribesiniň esasynda Beýik akyldar geljekde köp sanly eserleri döredipdir.

XVIII-XIX asyrlarda türkmen topragynda hereket eden medreseler başlangyç dini mekdeplerden düýpli tapawutlanypdyr. Olar ýerli metjitlere degişli bolup, halkyň arasynda özbaşdak ylym ojagy hökmünde tanalypdyr. Ylym älemindäki açyşlar we täzelikler, ilki bilen, medreselerde aýan edilipdir, olar hakynda pikir alyşmalar guralypdyr. Bu ýerde mekdepleri tamamlan has zehinli ýaşlar bilim almagyny dowam etdiripdirler. Medreselerde okuw otaglaryndan başga, umumy ýaşaýyş jaýy, kitaphana, dynç alyş otaglary, hammam, metjit, hassahana bolupdyr. Talyplar umumy ýaşaýyş jaýynda ýörite gurlan öýjagaz, ýagny hüjürelerde birnäçe ýylyň dowamynda ýaşapdyrlar [5. 14 s.].

Medreselerde, ilkinji nobatda, yslam dini bilen bagly ugurlar okadylypdyr. Dini häsiýetli dersler bilen bir hatarda, dünýewi ylymlar hem öwredilipdir. Talyplar gündogar dilleriniň grammatikasy, astronomiýa, algebra, geometriýa, logika, filosofiýa, kanunlary öwreniş ylymlary, etika, ritorika ýaly dersler boýunça bilim alypdyrlar. Mugallymlar nygtalan dersleri okatmak üçin dürli kitaplary ulanypdyrlar. Olaryň umumy sany takmynan, 130-150-ä ýetipdir. Mälim bolşy ýaly, Magtymguly Pyragynyň kakasy magaryfçy, alym we şahyr Döwletmämmet Azady uzak

wagtyň dowamynda okuwçylary okadypdyr. Ol öz eserlerinde mugallymçylyk işinde ulanylan 150 sany kitabyň atlaryny görkezýär [8. 17 s.]. Asyrlaryň dowamynda türkmenler kitaba uly hormat goýupdyrlar. Türkmen topragynda musulman medeniýetiniň ýaýramagy bilen kitabyň abraýy has ýokary derejä ýeterilipdir.

Medreseleriň okuw möhleti baradaky mesele üns berilmegine mynasypdyr. Professor K. P. Nowiskiniň işlerinde agzalan bilim edaralarynda okuw 18 - 19 ýyla çenli dowam edendigi hakynda bellenilýär [6. 12 s.]. Alym F. Mihaýlowyň pikirine görä, talyplaryň okuw döwri 10-15 ýyl bilen kesgitlenilipdir. Umuman, medreseleriň okuw möhleti mekdeplere görä, has dowamly (tä 18-20 ýaşa çenli) bolupdyr. Ýöne, talyplaryň aglaba bölegi 10 ýyla çenli okap, haýsy-da bolsa aýratyn bir okuw ugruna geçipdirler. Medreseleriň mugallymlary ýokary bilimli adamlar bolup, olar okuwçylaryň özbaşdak işlerine uly üns beripdirler. Şol sebäpli talyplar hüjürelerde, esasanam, bir-birden ýaşapdyrlar. Olar tabşyrylan ýumuşlaryny kesgitlenen döwürde ýerine ýetirip, mugallymlara tabşyrypdyrlar. Medreseleri tamamlan uçurymlar örän sowatly adamlar bolup, halkyň arasynda uly hormata mynasyp bolupdyrlar.

Medreseleriň gurulmagy halkyň bilimini artdyrmak bilen çäklenmän, jemgyýetçilik gurluşynyň ähli ugurlaryna öz täsirini ýetiripdir. Bilim-ylym merkezleri bolan medreseler dini esaslarynyň mizemez binýady hökmünde hyzmat edipdirler. Asyrlaryň dowamynda ruhy sagdynlyk musulman taglymaty bilen berk baglanyşykly bolupdyr. Şol sebäpli, düýp ylahy (ortodoksal) yslam pikirleri medreseleriň özenini emele getiripdir. Bu bilim-ylym edaralaryň, bir tarapdan, musulman taglymatlaryny wagyz-nesihat etmekde, ikinji tarapdan, halkyň medeni we dini ugurdan bütewiligini emele getirmekde ähmiýeti uly bolupdyr.

Şeýlelikde, Magtymgulynyň eýýamynda türkmen topragynda giňden ýaýran musulman bilim ojaklary bolan mekdepler we medreseler halkymyzyň ruhy dünýäsinde möhüm orny eýeläpdir. Ýaşlykdan binýat edilen we milli däp-dessurlarynyň esasynda ýöredilen türkmen halkynyň terbiýeçilik däpleri mekdep-medreselerde dowam etdirilipdir. Bu okuw edaralary türkmen ýaşlaryna terbiýe we bilim bermekde möhüm dini we jemgyýetçilik merkezleri hököminde hyzmat edipdirler.

## EDEBIÝAT

1. *Blokwil G.* Türkmenleriňkide ýesirlikde. – Aşgabat. “Altyn guşak”, 1992.

2. *Garifulina A.* Magtymguly Pyragynyň ýaşan döwründäki türkmen edebiýaty we medeniýeti // Magtymguly we dünýäniň ruhy-medeni gymmatlyklary. – Aşgabat. Ylym, 2008.

3. *Rejebow D.* Bilim ulgamynyň gadymy kökleri // “Zaman Türkmenistan” gazeti, 2016, 16-njy apreli.

4. Байры мугаллымларын ятламалары. – Ашхабад, “Туркменистан”, 1965.

5. *Бердыев Т. Б.* Просвещение в дореволюционном Туркменистане // Ученые записки ТГУ. –Вып. XIV. – Ашхабад. 1968.

6. *Новицкий К. П.* Политика царского правительства в области народного образования в Средней Азии // Просвещение национальностей. – 1934, - № 6.
7. *Халидов А. А*. Арабские рукописи и арабская рукописная традиция. – М., Наука, 1985.
8. *Халимов Н. Б*. Рукописная книга в истории культуры туркмен (по материалам Рукописного фонда АН ТССР): Автореф. дисс. … канд.ист.наук. –Ашхабад, 1991.
9. *Ходжакулиева Б. А*. Народное просвещение в Туркменистане в колониальный период (1881-1917 гг.): Автореф. дисс. … канд.ист.наук. – Ашхабад, 1995.

***Mekan ANNAÝEW, Baýram BABAKULYÝEW,***
*Seýitnazar Seýdi adyndaky TDMI-nyň mugallymlary*

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÖREDIJILIGINDE BILIM HAKYNDA

Ynsanperwerligiň belent nusgasyny görkezen Magtymguly Pyragy parasatlylyk bilen döreden şygyrlaryny geljek nesillere baky ýadygär galdyrypdyr. Magtymguly Pyragy sözüň doly manysynda milli şahyrdyr. Bu bolsa şahyryň şygyrlarynyň halkylygyny ýokarlandyrýar hem-de ony belent derejä göterýär. Şahyryň tutuş döredijilik dünýäsi türkmeniň milli ruhuna ýugrulan eserlerden ybaratdyr.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy töwerekleýin öwrenilip başlandy. Milli Liderimiz, Gahryman Arkadagymyz: «Magtymguly döwürdeşlerini, halky adalatly jemgyýetiň, bagtly ýaşaýşyň gözbaşynyň nämedigine göz ýetirmäge, bolup geçýän zatlaryň düýp mazmunyna düşünmäge çagyrypdyr. Öz iliniň asuda, parahat durmuşda ýaşamagyny, ylymly-bilimli bolmagyny, medeniýetiniň beýgelmegini arzuwlan beýik şahyr, halkyna pähim-parasatdan we şirin duýgulardan püre-pür bolan ajaýyp şygyrlar hazynasyny miras galdyrdy» -diýip belleýär [1].

Şahyryň şygyrlar dünýäsiniň gymmaty milli çäklerden çykyp, bütin adamzat paýhasynyň genji-hazynasyna öwrüldi. Magtymguly Pyragynyň döredijiligi diňe bir türkmen halkyna däl, eýsem tutuş adamzada ruhy lezzet eçilýär. Şonuň bilen birlikde, şahyryň döredijiligi durmuş bilen baglanyşykly meseleler babatda oýlandyrýar. Şahyr öz halkyny we ýurduny azat, gülleýän, bagtyýar durmuşda görmek isläpdir.

Magtymguly Pyragynyň dünýägaraýşynyň kemala gelmeginde belent derejeli şahyr bolup ýetişmeginde halk döredijiliginiň, gündogar edebiýatynyň görnükli wekilleriniň täsiri bilen bilelikde, şahyry terbiýeläp ýetişdiren ylym atasy Döwletmämmet Azadynyň döredijiliginiň hem göniden-göni täsiri ýetipdir. Biz Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde bilimler dünýäsiniň ornuny öwrendik.